*6-njy tema*: ***Türkmen Türkçesinde Deneme ve Deneme Örnekleri*** (Türkmen dilinde beýanetme we beýanetme nusgalary)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri:**

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi:**

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri:**

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady”, “akylly kompasy” “akylly şejeräni“** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

## GANATLY ARZUWLAR

*“Adam arzuwsyz bolmaz, guş ganatsyz”*...

Orazyň çagalykdan ýüreginde beslän arzuwlarynyň çägi ýokdy. Ol suratçy bolmagy arzuw edýärdi. “Sazanda bolsam, aýdymçy bolsam” diýip hem kämahallar göwün ýüwürdýärdi. Heniz mekdebe okuwa gitmänkä, dutar çalýardy. Onuň çalýan sazlary ata-enesiniňem, goňşy-golamlarynyňam göwünlerinden turardy. Kämahallar deň-duşlary Orazyň aýdym-sazlaryny diňlemek üçin, ýörite onuň ýanyna oturmaga gelerdiler... Bir gezek ol özüniň alym bolmak baradaky arzuwyny beýan edende, direktor oňa: – Ýazymow, alym bolmak üçin yhlas etmeli, ýöne welin diňe bu hem ýeterlik däl. Sen ilki orta mekdebi doly gutarmaly, soň ýene-de köp okamaly. Seniň başlangyç synpda okaýarkaň, alymlyk bilen gyzyklanmagyň uly zat. Oňat okaber. Nesip bolsa, sen hökman alym bolarsyň, berekella, Ýazymow! Sen meniň göwnümden turýaň – diýipdir... Oraz mugallymyň ýaňky aýdan ýakymly sözlerinden örän hoşal boldy. Aýaklary ýeňledi, şähdi açyldy, ýüzüne şatlyk alamatlary çaýyldy.

- ✓ Başda getirilen atalar sözüne üns beriň.
- ✓ Temanyň maksady nämeden ybarat?
- ✓ “Sözlü” we “yazılı” näme?
- ✓ Maksada ýetmek üçin näme etmeli?

## Täze sapylan alma agajy

Nähili bolsa-da, bir ýagdaýdan beýleki ýagdaýa öwrenişmek zerur. Bu kyn, aňsat däl. Alma agaçjygy keselledi, emma ol ýaşdy, güýçlüdi, ol tiz ýagşy boldy we ýat şahajyk bilen bitişip ösdi. Şahajyk güýçli alma agajynyň şiresini içip, tiz ösýär, yzly-yzyna pyntyklaýar, ýaprak çykarýar, yzly-yzyna ösüntgi, şaha aýyrýar we iki-üç ýyldan soň ak-gyrmyzy ysly güller bilen gül-pürçek bolup ýetişýär. Ak-gyrmyzy lepestoklar (gülüň yslyja ýaprajyklary) düşüp, olaryň ýerine gök tohumlyk peýda boldy, güýz tohumlykdan alma emele geldi, özi hem ýabany turşy alma däl-de, ullakan, gyp-gyzyl, süýji, agyzda eräp barýan alma. Şeýle bir gowuja alma agaçjygy ösüp ýetişdi, hatda sapmak üçin onuň pyntyklaryny almaga

başga baglardan hem bağbanlar gelýärdiler. Olar hem irginsizlikde alma agajyny sapmagyň aladasyny etdiler.

Aladalar hökman ýerine düşäýmeli. Onuň üçin biraz wagt we erjellik gerek.

**Meýilnama:**

I. Ösümlikleriň emeli ýetişdirilmegi.

1. Alma agajynyň kesellemegi.
2. Sapylan alma agajy.

II. Bagbanlaryň aladalary.

1. Onuň ýat şahajyk bilen bitişmegi.
2. Gowy sortly süýji almanyň ösüp ýetişmegi.

III. Aladalar ýerine düşýär.

**Ýumuşlar:**

1.Ýurdumyzda alnyp barylýan bag oturtmak syýasaty, uniwersitetiňizdäki baglara ideg edişiňiz barada hem ýazyň.

2. Almanyň adam bedenine berýän peýdasy barada bilýänleriňizi hem beýan ediň.

## Eli çeper zenanlar

Maý aýynyň soňky günleriniň biridi. Basym ýurt çäginde türkmen hasylynyň baýramy geçirilmelidi. Ir bilen etrabyň täze medeniýet öýüniň işiginde gelin-gyzlaryň üýşmeleňi peýda boldy. Olar gyzyl-ýaşyl geýnip bezenipdirler. Çeper dokalan dürli nagyşly halylaryň reňki olaryň bezegli egin-eşikleriniň öwüşgini bilen goşulyşýardy. Ýaňy dogup, ýokaryk galyp başlan Günüň astynda şöhle salýardy, ýalpyldaýardy.

Bular etrabyň hemme haly ussahanalaryndan we özbaşdak işleýän halyçylaryndan gelen wekillerdi. Şu gün olar özara bäsleşik boýunça çeperçiliklerini, ussatlyklaryny deňeşdirjekler. Her kim üstün çykyp, baş baýragy aljak we etrap boýunça iň birinji orny eýelejek.

Her kim medeniýet öýüne girýär we öz halysyny görnükli ýerde gerýär. Giň jaýyň diwarlarynyň ýüzünde joşgunly buýsanja beslenen el işleri köpçülige görkezilýär.

Türkmen halkynyň milli halysy ebedi gymmatlygymyzdyr. Milli gymmatlyklarymyz köp. Olaryň hatarynda ene-mamalarymyzyň döreden el işleri, ajaýyp halylar mynasyp orun tutýar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe eli çeper zenanlarymyz asylly ýörelgelerimizi mynasyp dowam edýärler. Bu babatda geçirilýän bäsleşikleriň uly ähmiýeti bar. *(Metbugat sahypalaryndan).*

**Meýilnama:**

1. Gelin-gyzlar nirä üýşüpdirler?
2. Olar kimler?
3. Bäsleşigiň maksady näme?

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Milli türkmen halysy we beýleki gymmatlyklarymyz barada nämeler bilýärsiňiz? Olar barada dilden gürrüň beriň.

2. Türkmen baýdagynda ýerleşdirilen haly gölleri barada çeper pikir ýöretme -goşgy ýazmaga synanyşyň.

3. Tekstdäki işlikleri aňladýan manylary we grammatik özboluşlyklary boýunça derňäň.